# Şäher merine

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Şäher merine  ŞÄHER MERINE




Aladalaň üçin sag bol, gadyrdan,
Aladalaň mejlisleriň bezegi.
Ýöne köçelerde içiň bozulsa,
Nirelerde boşatmaly tezegi?
Bu golaýda däldir orus bazary,
Ýol sökmeli hajathana ýetere.
Bu halyňda ýol ýöremek hatarly,
Ýetmän orta ýolda işiň biter-ä!

Ýarty ömrüň geçse gerek nobatda,
(Tehnikanyň ösen wagty bu zulum).
Şäher meri, diňle meniň arzymy,
Sözleýär çal saçly bir sadyk guluň.

Meniň üçin edip ýören aladaň
Her pursatda, goý, ýetişsin dadyma.
…Birwagtky köçelerde dikilen,
Hajathanalary saldym ýadyma.

05.04.2024. Goşgular